# Palçy / satiriki hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 22 января, 2025
Palçy / satiriki hekaýa

PALÇY

Dostumyň doglan gününe keýpimi kökläp bardym. Bu ýerde-de üstüni ýetirdim. Oturanlaryň birinem gepledemok. Oňa biri süýkenýän, muňa bir süýkenýän. Muňa çydamadylar öýdýän. Myhmanlaryň biri:
– Saňa pal atyp bereýinmi? – diýdi.
– At, atyp bilýän bolsaň! – diýip, geçiniň öň aýagy ýaly sokuldym.
Palçy bir gap kükürdi açyp, öňümde goýdy:
– Söýýän gyzyň barmy?
– Bar.
– Isleseň, söýýän gyzyňa gowşup biljegiňi-bilmejegiňi aýdyp bereýin!
Wah, maňa geregem şo-da!
Palçy ilki öz adymy sorady, soň söýýän gyzymuň adyny. Her harpa bir çöpden ýere goýup çykdy. Soňra oturtdy, turuzdy. Tä burnumdan gelinçä-de içirdi. Arasynda-da sowal berýär:
– Seň iň gowy görýän haýwanyň näme?
"Eşek" diýsem, eşek bolup aňňyrtdy. Tä iň soňky çöpi alyp, ýerde örýänçä jalbarymy dyza çenli çermelgi, penjegimi çöwre geýdirilgi hala ýetirdi.
– Toýly jan, saňa şol gyz ýok! – diýip palçy ahyry palyny gutardy.
– Näme üçin? – diýip, men ör-gökden geldim.
– Şeýdip görene özüni oýnadyp ýörene haýsy samsyk gyzyny bersin? – diýip, palçy kükürt çöplerini ýygnamak bilen boldy.

Setdar DAŞGYNOW.

Satiriki hekaýalar